# Dürli-dümen setirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dürli-dümen setirler DÜRLI-DÜMEN SETIRLER

Adam, sen özüňi güýçli saýýarsyň.
Ýöne, bu jahanda ejiz sen ejiz.
Özüň tebigatyň şasy duýýarsyň.
Duýgularňa uýup ýalňyşýaň hergiz.

Beýik Alla tebigaty döretdi,
Ýeri, gögi, suwy, hem-de howany.
Soňra toprakdan seni ýaratdy.
Bolsun diýip tebigatyň dowamy.

***

Guşlar uçmak üçin ýaradylypdyr,
Biri belent uçýar, biri pessaýlap.
Käsi tapanjasyn çokalaşyp ýör,
Käsi iýmitini iýýärler saýlap.

Käsi ömüründe uçup görmändir,
Ýöne nämüçindir şolaň adam guş.
Olar bürgütleriň uçýan ýerinde,
Erkin uçsam diýip arzuw edýärmiş.

***

Sen düýn ateistdiň bu gün mollamy?
Sakal goýberipsiň syryp kelläňi.
Durmuş eger, täze bir öwrüm etse,
Şonda nämä çalyşarsyň selläňi?

Bu bolýan işlere haýran men walla,
Näme geýse gelişip dur bu kellä.
Sen ili aldasaň aldarsyň welin,
Sen tetellä ynanarmyka Alla?

***

Bir baý öldi, bendäň aý-güni öçdi.
Ömri bahyllykda, meslikde geçdi.
Wezipesi üçin, baýlygy üçin,
Hantama adamlar ýasyna üýşdi.

Garyp öldi,bende halal ýaşardy,
Adamlaň göwnüni tapyp başardy.
Abraýy bilen, häsiýeti bilen,
Guburnyň daşyna adam üýşürdi.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular